# Ekilmeli däne sözler

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ekilmeli däne sözler EKILMELI DÄNE SÖZLER

Il meni elinde göterip barýar diýip begenme, olaryñ gonamçylyga barýan bolmaklary mümkin.

* * *

Garry köpek oturtma dişiñ arzuwynda, onuñ ýene adam dişläsi gelýär.

* * *

At münen atasyny tanamaz, «Mersedes» münen enesini.

* * *

Onuñ huzuryna baranyñda, ilki telpegiñi, soñam gapjygyñy çykarmaly.

* * *

Ýedi ölçe-de, gaýçyny başlyga ber.

* * *

Iliñ agzy keramat, başlygyñ – möhüri.

* * *

Göreşde atañam bolsa ýyk, emma pensiýasyna degme.

* * *

TÄZE LÄLE:

«Näderin-ä, näderin,
Hossardan dat ederin.
Mal ýaly satyljak däl,

Has gymmadrak giderin.»

* * *

Diliñi dişleriñ añyrsynda saklamagy öwrenýänçäñ dişleriñ dökülip gutarar.

* * *

Pikiriñem hilini gowulandyryp bolýar, ony aýalyñ pikirine sapmaly.

Toplan, düzen: Gurbangylyç HYDYROW. Sözler